# «Beýnimiñ töründe baslygyp galan…»

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Beýnimiñ töründe baslygyp galan…" «BEÝNIMIÑ TÖRÏNDE BASLYGYP GALAN…»

Beýnimiñ töründe baslygyp galan,
Ýatlamalar arhiwini gorjadym,
Lukgelenip, ýüpe bogulan ýaly,
«Söýgi arhiw» bukjasyny dörjedim,

Şol ýiten dunýämiñ gaty açylman,
Giden eken tozanlanyp, çañlanyp,
Ýüzüni emaý bilen süpurdim,
Göz öñümden geçip gitdi janlanyp.

Bilmedim ilkinji söýgimi ýa ýok,
Ýöne meniñ hyýalymda döräpdi,
Yşk – diýip, keşbemi, ýöne bir ugra,
Bilmedim,
ýürekde o:t köräpdi.

Seni gordüm, gijelerne düýşimde,
Gündizlerne señ daşyñdan synlardym.
Daşyñdan guwanyp söýmegem başga,
Şol yşga ýugrulyp, özüm güýmärdim.

Sen bolsa söýýärdiñ özge ýigidi,
Ýöne seniñ üçin, ol özge däldi…
Hat-da, men seni, ondan gysganyp,
Üýtgedipdim ýamana,
ýagşy pälimi.

Goýardym, öñünde päsgelçilikler,
Gizlin, pynhan duşuşygyñ bozmaga,

Gödekligim edip, bäsdeş ýigdimi,
Urdurypdym.
Senden göwnün üzmäge…
Şonda-da öňüne bolsamda böwet,
Söýgisi, meňkiden gelipdi üstün,
Söýgimi, duýdurmak beýlede dursun,
Gözümi ýaşardyp, aglapdym sessiz.

Seniň toýuň boldy,
Men ogryn garap,
Söýmegñi isläpdim iň soňky pursat,
Beýnim bagtly bolmagyňy islese,
Meňki bolmagyňy isledi gursak…

Bu gün bolsa,
Şol, arhiwiň içinden
Göz öňümde suratlaryň janlandy.
Ýüregimi söýgim bilen emdirip
Emaý bilen süpirşdirdim çaňlarny…

Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular